# Kap dagynyñ gädiginde Isgender…

Category: Ertekiler,Kitapcy,Sözler,Taryhy ýerler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kap dagynyñ gädiginde Isgender…

KAP DAGYNYÑ GÄDIGINDE ISGENDER…

Sözbaşynyň okyjyda «Kap dagy haýsy dag?» we «Isgender kim, Türkmenistana onuň näme dahyly bar?» diýen iki soragy ýüze çykarjakdygy görnüp dur.

■ Şolaryň birinjisi barada.

Bu soraga häzire çenli kesgitli jogap ýok. Bolmanda «Kap dagy» düşünjesi türkmenleriň arasynda giň ýaýran. Meselem, hyýalbent, gopbam adamlar babatda «Oturan ýeri kül üsti, göwni bolsa Kap dagynyň başynda» diýilýän aýtgy ulanylýar.
Kap dagy diýlende käbir adamlar ony rowaýaty (mifiki), ýer togalagynyň daşyna aýlanyp ýatan dagmyş diýip kabul edýärler. Ertekilerde getirilýän Symrug (Anka, Kaknus) guşy hem şol ýerde ýaşaýarmyş. Käbiri bolsa Sibir daglaryna, Kawkaz daglaryna Kap daglary diýip çaklaýar.
Kap dagy Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde hem öz beýanyny tapypdyr. Mysallar:
Magtymguly aýdyşykda Durdy şahyryň:

Äleminiň degresi ne reňli dagdyr
Ol ne guşdur, daýym anda tussagdyr? –
diýen sowallaryna Magtymguly:

Kap dagy zeberjat reňbe-reň dagdyr,
Kaknus bir guş, daýym onda tussagdyr –
diýip jogap berýär.

Hezret Aly etgeç älemge dawy,
Kapdan Kaba düşdi hazretiň çawy.

…Gurşun deý erider Kap dek daglary,
Daş hem gelse ýyglap geçer halymga.

…Şol üýni eşidip Ýajuj kyrk ýyldan,
Kap dagyny deşip geler bir ýerden…

Elli müň ýyldan soň döw gelip doldy,
Niçe ýyllap Hakyň hyzmatyn kyldy,
Kap dagynyň aňyrsynda döw galdy,
Gädiginden ýaman ary gitmezmiş.

Umuman alnanda, şahyryň Gündogar mifologiýasyna daýanýan pursatlarynyň az däldigini hem ýüzugra aýdyp geçeliň.

■ Indi makalanyň başynda goýlan sowalyň ikinji bölegine – «Isgender kim, Türkmenistana onuň näme dahyly bar?» diýlenine ünsümizi gönükdireliň.

Turuwbaşdan, gönüläp aýtsak, ol Aleksandr Makedonskiý (Makedonly). Gündogar ýurtlarynda taryha Aleksandr umuman, Isgender diýlip, Aleksandr Makedonskiy bolsa Isgender Zulkarneýn (şahly) ady bilen girendir. Şu ýerde onuň Gurhanda ady getirilýän Zulkarneýn ikisiniň bir şahs däldigini, olaryň arasynyň 2.000 ýyldygyny (Gurhan, 18-nji süre, 83-nji aýat) hem belläp geçeliň.
Isgender Zulkarneýn (b.e.öňki 356 – 323 ýý.) b.e.öňki 336-njy ýylda öldürilen kakasy Filipp II (Pilkus) ýerine tagta çykýar we turuwbaşdan golasty ýerlerini giňeltmäge girişýär. Tiz wagtda Gresiýa, Ýakyn Gündogar, Kiçi Aziýa, Mesopotamiýa, Eýran ýerlerini özüne tabyn edýär. 329-njy ýyldan basybalyşlaryny Orta Aziýa ýerlerine gönükdirýär. Dogry, ol Türkmenistanyň günorta böleginiň üstünden, dag eteklerinden geçýär. Merkezi Aziýa ýerleriniň üsti bilen, ol 324-nji ýylda Hindistana çenli basyp alyp, yzyna öwrülýär. Basyp alan

ýerlerindäki täze paýtagty Wawilona gelip, b.e.öňki 323-nji ýylda gyzdyrma keselinden aradan çykýar. Onuň Dunaý derýasyndan Hindistana çenli imperiýasy uzak ýaşap bilmeýär. Bu başgaça mesele. Geliň, indi Isgender Zulkarneýniň biziň Watanymyzyň taryhy bilen bagly bolan ýene käbir meselelere dolanalyň. Ähli döwürde, ähli ýerde hökümdaryň adyny ebedileşdirmek dowam edipdir. Bu ýerlerde onuň adyny ebedileşdirmek üçin döredilen bir wagt Margiana Aleksandriýasy adyny alan şäher bu gün Gäwürgala ady bilen taryhda bellidir.

■ Kap dagynyň eteginde dörän Isgender galasy barada.

Bu galanyň döreýşi barada ynamly ýazuw çeşmesi gabat gelenok. Il arasyndaky gürrüňler boýunça bolsa, uly goşun şu ýerlere aralaşanda, mümkin, yssy howadan ýa-da suw ýetmezçiliginden kesel (epidemiýa) döreýär. Hökümdar serkerde uly goşunyň hereket ukybyny peseltmejek bolup, häzirki Bereket etrabynyň Isgender obasynyň golaýynda çadyr dikip, wagtlaýyn düşläp, näsaglary, dagdan aşmaklygy kynlaşdyrjak sülsatlaryny goýup, dagdan aşyp ýoluny dowam etdirýär.
Biz olaryň indiki ugurlaryny yzarlap oturman, ol ýerde aýlap-ýyllap eglenmänsoň, birbada gala-şäher gurulmandygyny ýatladyp, gürrüňimizi dowam etdireliň. Galalaryň soň-soňlar – asyrlaryň, müňýyllyklaryň dowamynda gurlup, dürli sebäplere görä ýykylyp, haraba, depä öwrülendigi bolmajak zat däl. Beýle mysallar taryhda näçe diýseň tapylýar.
Rowaýata öwrülip baran bu gürrüňlerden soň Magtymgula salgylansak, makalanyň sözbaşyna çykarylan setiriň, has takygy, şahyryň:

Kap dagynyň gädiginde Isgender,
Döw ýoluna goýdurdygy gors çykar –

– diýýän «Kürs çykar» atly goşgusyny döredendigine ynanasyň gelýär. «Gors» sözüniň «aýlawly zat», «gala diwary» aňlatmagy bolsa, bize täze bir galanyň – Balkan welaýatynyň Bereket etrabynyň Isgender obasynyň ýanyndaky Isgender galanyň düýbüniň tutulandygyndan habar berýär. Ol galanyň Kap dagynyň

gädiginiň ýanynda döremegi bolsa, Kap dagynyň Köpetdagy boljakdygyny ynamly aýtmaga mümkinçilik döredýär.
Biziň muny ynamly-diýip aýtmagymyzyň öz sebäbi bar. Bu ýerde, birinjiden, maglumatlaryň birnäçe çeşmelerden bolandygy, ikinjiden, sözlerini goşmaça barlamagyň zerurlygy bolmadyk (aksiomatiki) Magtymguly Pyragynyň hem muny tassyklaýandygy üçin, ol maglumatlary ygtybarly hasaplap, şeýle netijä geldik.
Bu Isgender galadan uzak bolmadyk dag etegi Uşak obasynyň, Isgender çeşmesiniň üstünden geçip, Köpetdagyň Balkan sebitindäki iň pes bolan gerşinden, ýagny beýikligi 326 metr bolan Isgender gädiginden (geçitden) aňryk aşanyňdan soň, ol ýerde suwly çeşmelerdir guýular ýolboýy duş gelýär. Meselem, Ýedidiň çeşmesi, Eýşem, Süýjüguýy, Akşäher guýulary, Ýaý kaky we beýlekiler. Daglykdan, baýyrlykdan aňyrdaky tekizlikdäki Bekibendiň üsti bilen gadymy ýollaryň Maşat-Misseriana, Şadüz galasyna, Ahur we Dehistan sur, ondan aňryk deňiz söwda ýollary bilen gidendigine, ol ýollardan gadymy kerwenleriň gatnandygyna güman etmese bolar. Gadymy Dehistanyň ýerlerinden bolsa dürli ugurlara Beýik Ýüpek ýolunyň şahalarynyň uzandygy dogrusynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda kerwensaraýlaryň bolandygy barada aýdylmagy hem muňa esas berýär.
Şu ýerde Isgender gala atly başga bir galanyň galyndylarynyň Mary şäheriniň ýanynda bardygyny hem bilip goýalyň. Alymlaryň aýtmaklaryna görä, ol gala orta asyrlarda Mary şäheriniň demirgazyk tarapynda şähere goşmaça hökmünde gurlupdyr. Ýöne onuň Isgender Zulkarneýn bilen bagly däldigi, ol adyň XIX asyryň 40-njy ýyllarynda jemşitleriň hany Isgender bilen baglydygy barada çen edilýär.
«Kap daglary» ady bilen hakyky daglar hem bardyr. Ol dag Afrika materiginiň günorta çetinde, Günorta Afrika Respublikasynyň Kap dagy welaýatynda ýerleşýär. Birnäçe parallel gerişlerden durýan ol Kap daglarynyň uzynlygy 800 km töwerekleri, ortaça beýikligi 1500 m. iň belent ýeri 2326 m. Ýöne ol Kap dagynyň Köpetdag (bu Kap daglary) bilen baglanyşygy bar diýmäge tutaryk görnenok. Türkmenleriň şol

daglar bilen bagly ertekilerdir rowaýatlar döretmejegi belli.

Nurmämmet RAHYMOW.

Taryhy ýerler